Tebigatyň ösümlik we haýwanat dünýäsinden aýawly peýdalanmak, onuň baýlyklaryny gorap, gözelliklerini geljekki nesillere miras goýmak üçin ata-babalarymyz uly alada edipdirler. Suwa, ýere, agaçlara, haýwanat dünýäsine seresap çemeleşmelidigini ündäpdirler.

Häzirki wagtda eziz Diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmek, ösümlik we haýwanat dünýäsini baýlaşdyrmak, gözel tebigatymyzy goramak boýunça maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Gök zolaklary döretmek boýunça kabul edilen maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly käbir ýüze çykýan ýagdaýlara garşy göreşmek baradaky bütindünýä işine ägirt uly goşantdyr.

Ýaz we güýz pasyllarynda ählihalk bag ekmek çäresiniň geçirilmegi mähriban Watanymyzyň görküniň has-da artmagyna oňyn täsir edýär. Şeýle-de munuň dag etegindäki akabalaryň we derýalaryň boýlaryndaky, deňiz kenaryndaky jeňňellikleriň giňelip, haýwanat dünýäsiniň ençeme görnüşleri üçin ajaýyp mesgene öwrülýändigi bellenilmäge mynasypdyr.

Tebigaty we onuň gymmatly baýlyklaryny aýap saklamagy başarýan nesli terbiýelemek ata-eneleriň, çagalar baglarynyň terbiýeçileriniň, mekdep mugallymlarynyň paýyna düşýär. Çagany ýaşlykdan tebigat baýlyklaryna gowy garaýyşly edip terbiýelemek üçin oňa söýgi döretmeli. Şu maksat bilen okuwçylary seýil baglaryna, sähralara, daglara tebigatyň gözel ýerlerine gezelenje çykaryp, ýylyň ähli paslynda tebigatyň gözelligine höwes döretmeli. Baýyrlary, daglary bezäp oturan güläleklerň, çigildemleriň, jümjümeleriň diňe bir gözelligi bilen däl, eýsem ýakymly yslary bilen hem adamlary özüne çekýändigini, ähli ösümlikleriň ynsan saglygy üçin peýdalydygyny olara gürrüň bermeli.

Все права защищены

save pdf date >>> 04.12.2024



Türkmen halky gadymy döwürden bäri daşky gurşawa, tebigata aýawly çemeleşip, ony gözüniň göreji deýin gorap gelipdir. Halkymyzyň arassa daşky gurşawda ýaşamagy ugrunda amala aşyrylýan taryhy özgertmeler gözel tebigatymyzy gorap saklamaga, onuň ösümlik we haýwanat dünýäsini has-da baýlaşdyrmaga hem-de ylmy taýdan öwrenmäge giň mümkinçilikleri döredýär.

**Göwher AMANJANOWA**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 04.12.2024